# Adam nädip hudaýlyga talaş edip bilýär?

Category: Filosofiýa,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Adam nädip hudaýlyga talaş edip bilýär? ADAM NÄDIP HUDAÝLYGA TALAŞ EDIP BILÝÄR?




Ynanç meselesi ara düşende, ilki bilen göz öňüne «gaýyp» (göze görünmeýän) düşünjesi gelýär. Gaýyp – gizlin, göze görünmeýän, elujunda däl diýmekdir. Oňa adamyň bäş duýgusy arkaly maglumat alyp bolmaýan barlyk ugry diýsegem bolýar. XI asyryň akyldarlaryndan Ragip El-Yspyhanynyň pikirine görä, «gaýyp» duýgularyň çarçusasyna girmeýän we akyl-paýhasyň zerurlyk duýmaýan närsesidir. Gaýyby aňlaýyş ynançdan ynanja üýtgeýär, ähli jemgyýetlerde fiziki dünýäniň aňyrsyndaky haýsydyr bir barlyk dünýäsinden ýa-da duýgulardan has aňyrdaky dünýälerden jedelli pikirler bar. Gadymy klassyky döwürde ylmyň dürli ugurlarynda fundamental eserleri ýazan Aristotel duýgulardan aňyrdaky dünýäden söz açýan «Metafizikasyny» ýazypdyr. Düýşleriň üsti bilen habarlardan söz açýan teologlar, filosoflar, tasawwuf alymlary bolupdyr. Konfusiý dininde, induizm we buddizm taglymatlarynda ruhuň ewolýusiýasy bilen fiziki dünýäniň aňyrsyndaky dünýä bilen gatnaşyk ýola goýlupdyr. Arap urp-adatlarynda-da ruhlar we jynlar saldamly ýer tutupdyr. Gadymy dünýäde ybadathanalar gaýypdan habar alma mekanlary bolup hyzmat edipdir, ruhanylar bolsa gaýyp dünýäsinden habar alýan adamlardyr.
Aýdyňlanma döwründe bilimiňem täsiri bilen düşünje dünýäsi üýtgäpdir, özgeripdir. Immanuel Kant “Sap akylyň tankydy» kitabynda jisimler bilen aňyň arasynda gatnaşykdan söz açypdyr

we muña fenomen faktor diýipdir. Fenomen diýip, duýgular bilen kabul edilen, synagdan geçirip boljak hadysalaryñ we jisimleriñ adyna aýdylýar. Biziñ görmedik ýa-da bilmedik zadymyzyñ absolýut maglumaty – özeninde bar zat bolsa, noumendir. Noumen – kartinanyñ añyrsyna gizlenen hakyky özeniñ adydyr. Kantyñ pikiriçe, jisimleriñ özünde galan bu özeniñ nämedigini bilip bolmaýar. Bu bilip bolmaýanlyk-da añyñ, şol bir wagtyñ özünde metafizikanyñ-da çäkleridir. Kantyñ pikiriçe, hemme zady bilmek onuñ daşly görnüşlerini bilmekdir. Gegeliñ pikiriçe bolsa, gatnaşyklaryny, öwrülmelerini, keşpden keşbe geçişlerini bilmekdir.

- **GAÝYBY GORJAMAK**

Ýokarda agzap geçen gysgaça maglumatlarymy ynanç ugruny gönüden-göni gyzyklandyrýan köne dünýäniñ «gaýyp» düşünjesini täze dünýäniñ düşünjelerine goldanyp ele alanymyzda, adamyñ özüniñ çözmekden ejiz gelen ýerinde, aýratynam beýlekiniñ üstünden gaýyby nähili gorjaýşyny görkezmek üçin getiripdim.
Diýjek bolýanym, «gaýyp» ýa-da «noumen» zemininde beriljek düşünjeler subýektiw häsiýetlidir hem-de her dürli spekulýasiýalara açykdyr. Kuran bu ugura degişli göze görünýänden göze görünmeýän birgiden maglumatlary orta goýupdyr, şeýlelikde muña goldanyp birnäçe mantyksöw gipotezalar öñe sürlüp gelindi. Emma bütin bulara garamazdan gaýyp ugry biziñ añ ýetirjek derejämizden añyrdadyr we hemişe-de şeýleligine galar.
Hudaý absolýut gaýypdyr. Şonuñ üçin her jemgyýetde Hudaýa ynanýanlaram bar, ynanmaýanlaram. Ynanýanlaryñ Hudaýa añ ýetiriş şekili-de dürli-dürli bolýar, her aýry añyñ göz öñünde janlandyryşy-da ýüzlerçe şekili öz içine alýar.
Elkyssa, gaýyby Hudaý ugruna degişli hususlar hökmünde kabul etmek, öz erkinligimiziñ çägi bilen baglanyşykly özygtyýarlylygymyzy gorap saklamagy hökmany şert kylýar. Hudaýy göz öñüne getirmek bilen imanyñ arasynda gatnaşyk erkin zeminde amala aşmasa, Alla bilen ahlak gatnaşygynyñ ýola goýulmagy kyn bolýar. Yslamyñ ruhany synpyna garşy bolmagynyñ esasynda şu ideýa ýatyr. Bir kişiniñ ýa-da belli bir toparyñ Hudaý boýunça öz göz öñüne getirmelerini we düşünjelerini

absolýutlaşdyrmagy we muny jemgyýetiň boýnuna dakmagy imanyň erkinleşdiriji ruhuny ýok edýär. Ibn Sina, Faraby ýaly akyldarlardan ugur alyp aýdalyň: Hudaý – duýgularyň, wehimiň, hyýalyň we akylyň ýetip bilmejek belentligindedir. Hudaýa hiç haçanam aň ýetirip, çäklendirip, aň ýetirme çägini kesgitläp bolmaz. Indi şeýle sowaly orta atalyň: gaýybyň eýesi Allatagala bolýan bolsa, gaýybyň çäklerini goýanam Allatagala bolýan bolsa, gaýyba ilteşikli meselelerde adam adamy nädip jogapkärçilige çekip bilýär? Has açyk aýdanymyzda adam haýsy kellesine hudaýlyga talaş edip bilýärkä? Arasynda ýaşap ýören ynanjy, gatlagy, mezhebi, iň soňky gözden geçirişde adamyň öz döreden hukuk kadalary beýlekisini nädip ýekirip bilýär? Hatda bu ugury öz bähbitleri, güýji, syýasaty, häkimiýeti üçin nädip serişdä öwrüp bilýär? Wessalam…

Aýşe SUJU.

«SÖZCÜ» gazeti, 13.06.2022 ý. Filosofiýa